# Men durmuşdan uzak ömür dilämok…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Men durmuşdan uzak ömür dilämok… MEN DURMUŞDAN UZAK ÖMÜR DILÄMOK…



Men durmuşdan uzak ömür dilämok,
Sepleşen ýyllardan gözlämok many.
Şu gün bir dostumyň başyny gorap,
Erte bu dünýäden gitmäge razy.
Aslynda, bu ömrüň manysy näme?
Goýan maksadyňa baryp ýetmekmi?
Ýa assa ädimläp, birek-biregi
Ses edip, tabytda alyp gitmekmi?

Ýok, ömrüň manysy düşünerden kyn,
Bir kada kime çyn, kim üçin galat.
Onda ulumsylyk etmişe ýakyn,
Ejizlemek bolsa uly jenaýat.

Diýmek bu dünýäde ejiz adam ýok,
Ynsan başy ýokardadyr eginden.
Durmuşda agsamak – ejizlemek däl,
Durmuşda käýarym agsaýar merdem. Goşgular